# Döwletsähet Durdyhanow

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Döwletsähet Durdyhanow

DÖWLETSÄHET DURDYHANOW

Orta boýly, gözleri ýanyp duran, syratly ýigit Döwletsähet Durdyhanow Garrygala raýonynyň Sumbar jülgesindäki Könekesir obasynda önüp-ösen adam. Ol köne kommunist Gurbansähet aganyň ýeke-täk perzendidi.
Duşmana garşy söweşlerde Sumbar jülgesiniň bu gerçegi-de uly hyzmatlar bitirdi. Ofiser D.Durdyhanow 8-nji aýratyn tanka garşy ok atýan brigadanyň 492-nji artilleriýa polkunda wzwod komandiridi. Onuň söweş epizodlary okyjyny gyzyklandyrman durmaz.
Döwletsähet ilkinji söweşlere Zaporožýe oblastynyň uly Tokmak şäheriniň töwereklerinde girişdi. Obanyň golaýyndaky beýiklik duşmanyň elindedi. Ol depe töwerege syn etmek üçin uly ähmiýete eýedi. Depäni duşmanyň elinden basyp almak wezipesini komandowaniýe biziň bölümlerimiziň öňünde goýdy. Duşman biziň hyýalymyzy aňan bolara çemeli, düz meýdanda ýerleşen sowet goşunlaryny yza serpikdirmek niýeti bilen, 1943-nji ýylyň oktýabr aýynyň 10-ynda 40 minutlyk artilleriýa taýýarlygyny geçirdi. Minomýot we top oklary sowet goşunlarynyň üstüne yzy üzülmän ýagdy. Ok ýagşy birneme kiparlandan soň bolsa, faşist tanklarynyň 50-den gowragy aýylganç bir görnüşde söweşe girişdi.
Biziňkileriň ýagdaýy juda agyrdy. Eliň aýasy ýaly tekiz meýdanda tanka garşy göreş etmek örän kyndy. Emma duşmanyň çozuşyna ykjam gaýtawul bermek hem-de soňra garşylyklaýyn çozuşa geçip, olary beýiklikden kowup çykarmak hökmandy. Faşistik tanklaryň 19-sy pyýada goşunyň goldawynda D.Durdyhanowyň söweşýän batareýasynyň üstüne tarap eňdi. Üznüksiz ot açyp gelýän tanklaryň salýan howpy birbada ýaş ofiseri hopukdyrdy. Emma aljyradyp bilmedi. Leýtenant öz

komandirlik edýän wzwodyndaky top rasçýotlarynyñ ot açmaga derrew taýýar bolmagyny buýurdy.
Tanklaryñ 12-si hut Durdyhanowyñ toplaryny gabawda galdyrmak niýeti bilen çep tarapdan aýlanyp ugrady. Güýçli söweşler gyzyşdy. Top rasçýotlary çaltlyk bilen duşmanyñ tankly çozuşlaryna gaýtawul bermäge girişdiler. D.Durdyhanowyñ komandasy bilen ot açýan 4-nji nomerli top rasçýoty iki gezek atanda öñdäki tanky urdy. Faşistler öç almak üçin göni toplaryñ üstüne dyzaýardylar, olaryñ ýene-de bir tankyny şol top otlady. 3-nji nomerli topuñ üstüne omzaýan tanklaram golaýlaşypdylar. Olaryñ ikinji snarýady gitlerçileriñ tankyny ýandyrdy, onuñ yzyndan gelýän tankam ýalynly tüssä garyldy.
Ine, aldym-berdimli şol pursatda biziñ samolýotlarymyz görnüp ugrady. Artilleristleriñ hem awiatorlaryñ zarbaayna duşman leşgerleri çydam edip bilmediler. Olar diñe bir yzyna serpikdirilmän, eýsem beýiklikden hem kowulyp çykaryldy. Pyýada goşunlara ýol açylmagy üstünligiñ girewi boldy.
Şu söweşde durnuklylyk görkezenligi, onuñ toplarynyñ duşmanyñ dört tankyny ýakanlygy üçin leýtenant D.Durdyhanowyñ "Gyzyl Ýyldyz" ordeni bilen sylaglanýar.
Şondan soñky söweşlerde hem ofiser D.Durdyhanow edermenligiñ, batyrlygyñ göreldesini görkezmegi başarýar. Melipotol ugrundaky söweşlerde bitiren hyzmatlary üçin sumbarly ýurtdaşymyz "Watançylyk urşunyñ II derejeli" ordenine mynasyp bolýar.
D.Durdyhanow gan döküşikli söweşler bilen faşistik Germaniýanyñ paýtagty Berline çenli barýar. Biziñ goşunlarymyzyñ Wisla, Oder derýalaryndan geçmek ugrundaky söweşlerinde hem D.Durdyhanow komandowaniýäniñ buýrugyny üstünlikli berjaý edýär. Oña "Aleksandr Newskiý" ordeniniñ, "Polşany azat edenligi üçin" diýen sowet we Polşa medallarynyñ we beýleki sylaglaryñ berlenligi hem onuñ şeýledigine güwä geçýär.
Urşuñ gutarmagynyñ edil öñ ýanynda, Berlin ugrundaky söweşlerde ýaralanan kommunist D.Durdyhanow ýeñiş bilen öz ildeşleriniñ arasyna sag-aman dolanyp geldi, ol ýene-de önüp-ösen obasynda parahatçylykly zähmet bilen meşgullanyp ugrady.

Rozy BERDIÝEW.

Taryhy şahslar